# Dowzaha dönderilen geografiýa

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dowzaha dönderilen geografiýa DOWZAHA DÖNDERILEN GEOGRAFIÝA

Owganystanda bolup geçýän haý-haýly wakalara bütin dünýä bolup, fantastiki kinofilme tomaşa edýän ýaly tomaşa edýäris. Adamzat medeniýetiniñ gelip ýeten şu tapgyrynda aýal-gyzlaryñ guldan enaýy görülmeýşine şaýatlyk edýäris.
Aýal-gyzlaryñ köçä çykyp-çykmazlygy-da, geñsi gylyk-häsiýetli adamlaryñ ynsabyna galypdyr.
Ölüm howpuny göze alyp köçä çykan owgan zenanlary dünýä jemgyýetçiligine özleriniñ "ADAMDYKLARYNY" aýdyp gygyrýar.
Hawa, biz ol merdana zenanlar bilen bir dünýäde, bir döwürde ýaşaýarys. Dünýäniñ käbir ýerinde dowzah durmuşy "adatylaşyp" giden bolsa, meselem, Floridanyñ deñiz kenarlarynda hajymelik açan sarp edijilik we ýalp-ýulply keýpi-sapa höküm sürýär.
Kabul bilen Miami kartinalaryny ýanaşyk goýup synlañ we dünýäniñ iki aýry ýerinde bir wagtyñ özünde bolup geçýän çaprazlygyñ üstünde az-owlak oýlanyñ…
Aslynda, bu çaprazlyk adamzat medeniýetiniñ akla-huşa sygmajak ahwalyny görkezýär.
Kabuldaky ýagdaýyñ sebäbi Miamidäki gabardylan isripçiligiñ hut özüdir, Owganystan şu gün dowzaha dönen bolsa, Floridadaky durmuşyñ şeýle dowam etmegi üçindir.
Şeýle bir akla-huşa sygmajak zat welin, "Forbes" žurnalynyñ berýän maglumatyna görä, ABŞ-nyñ Owganystandaky çaknyşykly geçen döwründe, ýagny ýigrimi ýylda 2 trillion dollardan gowrak pul sowrulypdyr. 2 trillion dollar!
ABŞ owgan goşuny üçin 352 müñ owgan ofiserine tälim beripdir.
352 müñ mugallym, lukman, inžener, hünärmen okadylsa bolmaýarmy…
Urşa sowulan 2 trillion dollar adamzadyñ bähbidine harçlanan bolsady, belkäm Owganystan dünýäniñ iñ asuda, iñ ösen ýurtlarynyñ biri bolardy.
Gaýtam tersine, ýigrimi ýylda 47 müñ owganystanly ýönekeý

raýat, ýetmiş müňe golaý owgan esgeri, 50 müňden gowrak taliban wepat boldy… ABŞ-nyň özi 2 müň 500 esgerini ýitirdi. Müňe golaý ölenem NATO-nyň esgerlerinden. Diňe bir gezekde on iki türk esgeriniň hiç hili baglanşygy bolmadyk ol ýurtdaky wertolýot heläkçiliginde wepat bolandygy ýadymyzda.
ABŞ 2 trillion dollar harçlap ajaldan we eýmençliklerden doly geografiýa döretdi. Aslynda imperialist mehanizm muny dünýäniň hemme ýerinde edýär…
Talibany döredenem şol mehanizmiň özi.
Dünýäniň imperialist çarhy aýlanyp dursun diýip, musulman ýurtlardaky sosialist hereketleriň öňi kesilsin diýip, yslamyň iň yzagalak düşündirişleri esasynda hereket edýän toparlanmalary döretdi, ýaraglandyrdy.
Yslam geografiýasyna ullakan erbetlik bagyş etdiler.
Bölüp, parçalap dolandyrmak üçin mezhebara dawa-jenjellere öç berdiler.
Milliardlarça adamyň ýaşaýan gojaman yslam geografiýasynda diniň adyndan özüni partlatmaga taýýar müňlerçe janly bomba ortada gezýär.
Bir mahallar kinomatografiýanyň, sungatyň, edebiýatyň iň ajaýyp nusgalaryny dünýä beren Eýranyň ahwalyna serediň. Köçeleriň ugrunda aýal-gyzlar gamçylanýar. Adamlar wagşy üýşmeleňleriň ortasynda dar agajynda asylyp goýulýar.
Biziň geografiýamyza rowa görülen bu dowzahy durmuş läheň imperial şereketleriň ýyllyk girdejisiniň hiç bir ýitgisiz hasam artsyn diýip edilýär. Nebiti dünýä läheňleri sorup alsyn, ýarag öndüriji ketdeler hasam baýasyn diýip edilýär. Hiç kim şuny ýatdan çykarmasyn.
Bu imperialist mehanizm akyl-paýhasa eýerip hereket edenok, adamhorçulykly girdeji maksady bilen ösýär we planetadaky ýaşaýyşy uly heläkçilige tarap alyp barýar.
Hawa, planetamyz heläkçiligiň gorpuna agdarylansoň, ol läheň şereketleriň ketdeleriniň plýažlarynda dynç alyp biljek Floridasynyň aman galma mümkinçiligi ýok.
Adamzat Owganystanyň mysalynda özlerine seretmeli, oýlanmaly, bu imperialist mehanizmden halas bolmagyň ýoluny tapmaly. Bu häzir adamzadyň iň derwaýys meselesidir.

26.08.2021 ý.

Hakan GÜLSEWEN,
žurnalist, ýazyjy.

© The Independentturkish Publisistika